# Sary öküz

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sary öküz SARY ÖKÜZ




Öri meýdanlaryñ birinde öküz sürüsi ýaşap geçipdir. Töwerekdäki ýolbars sürüsiniñem gözi öküzlerdemiş…
Ýöne öküzler howp abananda bir ýere jemlenişseler, aç ýolbarslaryñ edibiljek zady bolmandyr. Şonuñ üçinem ýolbarslar hile oýlap tapypdyrlar…
Garry ýolbarslaryñ biri ak (ýaraşyk) baýdagyny galgadyp, öküz sürüsine golaýlaşypdyr… Ol öküzleriñ öñbaşçysy Boz Öküz we onuñ topary bilen mylaýym gürleşipdir:
– Gadyrdan öküz begler!.. Şu gün sizden ötünç soramaga geldim. Bilýän, şumada çenli size diñe zyýan ýetirip geldik. Ýöne, ynansañyz, bularyñ birinem bilgeşleýin etmedik. Hemme günä şol gezip ýören Sary Öküzde…
Onuñ reñki siziñkiden tapawutly we biziñem gözümizi gamaşdyrýar, aklymyzy başymyzdan uçurýar. Bizem parahatçylykly ýaşaşybermegi ýatdan çykaryp, üstüñize çozasymyz gelip başlaýar. Ýogsam bolmasa siziñ bilen oñuşmaz ýaly meselämiz ýok. Ony bize beriñ-de, sizem halas boluñ, asudalyga ýetiñ, bizem siziñ bilen parahat durmuşda agzybir ýaşalyñ!
Boz Öküz we onuñ topary bu sözleriñ üstünde özara jedelleşipdirler we teklibi kabul edip, Sary Öküzi ýolbarslara beripdirler. Diñe Menekli Öküz garşy çykypdyr, ýöne ony hiç kim diñlemändir!
Belli bir wagt geçensoñ ýolbarslar gelip, ýene öñki heñlerine tutupdyr we Uzyn guýrukly Öküzi sorapdyrlar:
– Görýämizmi, biz nähili oñşukly?! Sizi gelen dogry netijäñiz

mynasybetli gutlaýarys. Ýöne…
Siziň Uzyn Guýruklyňyz bar-a, guýrugyny salladygyça nireden seretsek görünýär, bulam biziň aklymyzy başymyzdan uçurýar. Size topulmajak bolup zordan özümize erk edýäs. Ýogsa siziň guýruklaryňyz oňky ýaly dälem-ä. Ony bize beriň-de, meseläni ýapdym edip, oňşuklyja ýaşabereliň.
Boz Öküz we onuň topary Uzyn Guýrugy ýolbarslara beripdir, ýene Menekli Öküz garşy çykyp:
– Ýalňyşýarsyňyz – diýipdir.
Uzyn Guýrugy şol gije ýolbarslar lak-luk atypdyr…
Şeýle ýagdaý zol gaýtalanyp durupdyr… Ahyrsoňy öküzler mazaly güýçden gaçypdyr, ýolbarslaryň bolsa gitdigiçe gäbi azypdyr. . Indi hiç hili bahana tapmazdan göni topulyp: «Şuny bize beriň, onsoň siziň bilen işimiz ýok» diýip başlapdyrlar.
Öküzler ýeke-ýekeden ýolbarslaryň penjesinde jan beripdir. Boz Öküz we ýene birküç sany öküz diri galypdyr… Içlerinden biri zaryn ses bilen:
– Bize näme boldy? Nirede ýalňyşdyk? Ýogsam bolmasa biz birwagt nähili güýçlüdig-ä… – diýip iňläpdir.
Boz Öküz Menekli Öküziň sözlerini ýadyna salyp, gözlerine ýaş aýlapdyr:
– Biz Sary Öküzi beren günümiz ýeňildik!



**• Ýer titremesi we Jeýms Bond**
Çeper filmlerde Jeýms Bondyň obrazyny janlandyran meşhur aktýor Daniel Kreýg Angliýada ýaşaýan türkleriň birinji belgili gahrymany boldy.
Londonda we beýleki şäherlerde ýaşaýan türkler Daniel Kreýge bagyş eden pullary üçin «Ýüreklerimizi eýelediň, sag bol, minnetdar, Jeýms Bond!» diýip hat ýollaýarlar. Şeýle hem iňlis halkynyňam betbagtlykda jebir çekenler üçin ummasyz uly pul kömegini edendigi ünsüňi çekýär…
Türkiýedäki tebigy betbagtlygy eşden badyna herekete geçen

Daniel Kreýgiñ bir hepdäniñ dowamynda millionlarça sterling toplap, bulary Türkiýä ugradandygy aýdylýar.
Meşhur aktýoryñ jomartlygyny öwen «The Mirror» gazeti, onuñ 0 370 60 60 610 belgili kömek setiniñ 24 sagat açykdygyny nygtap, «Hormatlanmaga mynasyp hakyky ýyldyz» diýip çykyş etdi.




- **DÖRT SÖZ**

Aç adamdan:
– Iñ agyz zat näme? – diýip soranmyşlar.
Ol:
– Boş garyn! – diýip jogap berenmiş.




* * *

Akyl-paýhas pula satylmasa-da, iñ köp pul gazandyrýanam şol!




* * *

Adamlary tanaýan adam akyllydyr, ýöne özüni tanaýan adam has akyllydyr.




* * *

Siwilizlenen jemgyýetde WYŽDAN AKYL-PAÝHASYÑ WE ADALATYÑ PULSUDYR!

RahmI TURAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 14.02.2023 ý. Publisistika